# TÜRKMEN HALKYNYŇ WATANÇYLYK URŞY (1879-1881-NJI ÝYLLAR)
## WATANÇYLYK URŞUNYŇ ÖŇ ÝANYNDAKY ÝAGDAÝ

Ilki wagtlar Ahal ilaty rus goşunlaryna dostlukly garapdyr. Olar hem öz gezeginde «Urma-sökme, höre-köşe et» diýen syýasatdan ugur alyp, Ahal tekeleri bilen oňat gatnaşyklary ýola goýmaga çalşypdyrlar. Ahal täjirleri Krasnowodskä, hatda Bakuwa-da baryp söwda edip gaýdypdyrlar. Emma sonky ýyllardaky patyşa çinownikleriniň eden-etdilikleri Ahal ilatyna ýaramandyr. General Lomakin tekeler bilen gepleşik geçirende galp we alasarmyk syýasat alyp barýar. Olaryň haýyşlaryna we soraglaryna anyk jogap bermeýär. Ýogsam, 1870-nji ýyllaryň ortalarynda Ahalteke oazisini parahatçylyk yoly bilen rus raýatyna geçirmek mümkinçiligi döräpdir. Emına patyşa hökümetinin ketdeleri şol mümkinçiligi peydalanmandyrlar. Ony peýdalanmak üçin alada-da etmändirler.

Türkmenler Russiýa bilen söwda etmäge-de, ak patyşa raýat hökmünde paç tölemäge-de taýýardylar. Olaryň ýeke-tak maksady öz topraklarynyň eýesi bolup ýaşamakdy. Bu uly bolsun, kiçi bolsun, her bir halkyň mukaddes hukugydyr. Kesekiniň öz topragynda höküm sürmegine hiç bir halk meýletinlik bilen razy bolmaz. Ol bar güýji bilen Watanyny goramaga çalşar.

Patyşa Russiyasy bilen baglanyşykly meselede iki akym ýüze çykypdyr. Olaryň biri patyşa goşunyna ýaragly garşylyk görkezmek bolsa, beýlekisi söweş etmezden Russiýa imperiýasyna tabyn bolmakdy. Bu iki ugruň tarapdarlarynyň arasynda özara jedel köp bolýar. Ahyr rus goşunlary bilen ýaragly söweşmeli diýen netijä gelinýär. Olar bilen ilkinji kiçiräk harby çaknyşyklar 1877-nji ýylda Gyzylarbadyň eteginde, 1878-nji ýylda bolsa Hojagalada bolupdyr. 1877-nji ýylyň ýazynda rus goşunlary barlag ýörişini geçirip, Gyzylarbady eýeläpdir. Bu habary eşiden Nurberdi han öz goşuny bilen ruslaryň üstüne çozupdyr. 12-nji maýda Gyzylarbadyň eteginde uly söweş bolyar. Söweşde türkmen ýigitleri gaýduwsyz batyrlyk görkezipdir. Emma olar ruslaryň dyngysyz atýan toplarynyň zoruna çydaman, yza çekilipdirler. Nurberdi hanyň yza çekilmegi Gyzylarbadyň töweregindäki obalaryň ilatynyň arasynda az wagtlyk uly galagopluk döredyär. Emma olar bahym Ahal hanynyň ýurdy goramak üçin uly taýýarlyk görýändigine göz yetiripdirler. Ruslar Ahal tekeleri bilen baglanyşykly özlerine gerekli maglumatlary toplapdyrlar. Soňra azyklary juda azalansoň, yzlaryna Krasnowodskä gidipdirler.

Ahal tekeleri rus goşunynyň türkmen topragynda aralaşmagyna gaýtawul bermegi dowam etdiripdirler. 1878-nji ýylda tekeler Hojagala we Çat töweregindäki rus otrýadlarynyň üstüne çozupdyrlar. Çatdaky çaknyşykda türkmenler ruslardan ýesir hem alypdyrlar. Emma ruslaryň güýçli artilleriýasy türkmen atlylaryny yzyna serpikdiripdir.

Ahalda rus goşunyna berk gaýtawul bermek üçin güýçli taýýarlyk işleri gidýärdi. Edil şol jygba-jygbaly pursatda Gowşut hanyň aradan çykanlygy baradaky şum habar ýyldyrym çaltlygynda bütin Ahala ýaýraýar. Onuň ölümi türkmen halky üçin öwezini dolup bolmajak ägirt uly ýitgidi. Sebabi XIX asyryň ortalarynda Maryda Gowşut han, Ahalda Nurberdi han türkmen halkynyň uly hormat goýýan pähim-paýhasly baştutanlary hasaplanylýardy. Bu iki han türkmen halkynyň ykbaly bilen baglanyşykly meseleleri bile maslahatlaşyp çözyärdiler. Türkmen halkyny birleşmäge, agzybirlige çagyrýardylar. Nurberdi hana özüniň uly geňeşdary we maslahatçysy Gowşut hany yitirmek juda agyr degipdir. Ol rus basybalyjylaryna garşy göreşmegiň jana-jan tarapdarydy.

Patyşa hökümetinin ketdeleri Ahalteke oazisini ownuk harby çaknyşyklar bilen eýeläp bilmejeklerine on ýylyň dowamynda anyk göz ýetiripdirler. Olar Ahaly güýç bilen birbada basyp almak üçin ýörite taýýarlykly harby ekspedisiýa gurmagyň zerurdygyna hökümdarlaryny ynandyrypdylar. 1879-njy ýylyň ýanwarynda bu plan Aleksandr II tarapyndan tassyklanylýar. Oňa taryhda birinji Ahalteke harby ekspedisiýasy diýlip at berilýär. Ekspedisiýanyň naçalnigi edilip 1-nji Kawkaz goşun korpusynyň komandiri, rus- türk urşlarynda şöhrat gazanan general Lazarew bellenilyär.

Rus komandowaniýesi Ahaly basyp almak üçin Kaspi tarapdan, Maryny eýelemek üçin bolsa Amyderýa tarapdan hüjüme geçiljek diýip habar ýaýradýar. Hakykatda Türküstan general-gubernatory Kaufman Mary türkmenlerinin Ahala kömege gitmeginiň öňüni almak üçin Mary tarapa hüjüm edýän ýaly ýalan howsala döretmelidi. Rus goşunlarynyň komandowaniýesiniň bu aldawyndan bihabar türkmenler derrew geňeş çagyryp, goranmak barada karar kabul edýärler.

Lazarew 1879-njy ýylyň mart aýynda Çekişlere gelen güni Dykma serdaryň ogly Hakberdi han hem şol ýere gelýär. Onuň maksady Çatda ýesir alnan rus soldatlaryny özleriniň on dört teke ýesıri bilen çalyşmakdy. Emma onuň ýany bilen alyp geleni rus ýesirlerinin hemmesi däl eken. Şeyle-de bolsa general galan ýesirleri özüm taparyn we boşadaryn diýip, Hakberdi hany sypaýyçylyk bilen garşy alypdyr. Ol tekeleriň hemme ýesirini boşadypdyr. Lazarew tekeleriň gürrüňsiz boyun egmegini talap edip, Hakberdiden Dykma serdaryň adyna hat ýollapdyr. Onda şeýle setirler bar: «Men, general-adýutant Lazarew Ak patyşa tarapyndan uly goşun bilen sähra ýöriş geçirmek üçin bellendim. Siziň tiredeşleriniz mundan birnäçe ýyl ozal biziň Mihaýlow aýlagynda ýerleşýän otrýadymyzyň üstüne çozuş edipdirler, geçen ýyl bolsa olar Hojagala çozupdyrlar. Şonuň üçinem men siziň galtamanlaryňyzy mugyra getirmäge we sizde asudalygy berkarar etmäge borçludyryn. Siziň üstüňize aç-açan barýandygymy mälim edýärin we eger siz uruşmakçy bolsaňyz, men muňa örän şatdyryn... Ýakyn wagtda men öz goşunlarym bilen siziň üstüňize ýöriş ederin. Meniň maslahatym: Ahal tekelerine aýt, goý, olar men öz ýerlerine baranymda boýun synyp, öňümden çyksynlar. Eger olaryň boýun synyp gelmek niýeti ýok bolsa, onda olara duýduryp goý, soňra hiç

zady menden görmesinler».

Generalyň bu haýbat atyp ýazan hatynyň mazmuny tekeleriň gaharyny öňküden-de bek getiryär. Uruş howpunyň abanyp gelýänligi sebäpli Ahal tekeleri Aşgabatda gyssagly maslahat çagyrypdyrlar. Onda ýurdy duşmandan goramak meselesine garalypdyr. Şeýle hem Lazarewiň ýazan hatynyň doly teksti okalypdyr. Maslahata Nurberdi han gatnaşmandyr. Sebäbi ol şol wagt Maryda eken. Onuň ýerine Ahalda baş hanlygy ogly Berdimyrat han alyp barypdyr. Ýöne ol yaş bolansoň, oňa geňeşdar we kömekçi edilip Orazmämmet han we Gurbanmyrat işan bellenilipdir. Bularyň ikisi-de Nurberdi hanyň iň ýakyn dostlarydy, halka özlerini aldyran akyl-paýhasly adamlardy. Maslahatda ýurdy goramak üçin duşmana berk gaýtawul bermek barada karara gelinýär.

## TÜRKMEN HALKYNYŇ WATANÇYLYK URŞY (1879-1881-NJI ÝYLLAR) BIRINJI AHALTEKE EKSPEDISIÝASYNYŇ DERBI-DAGYN EDILMEGI

Ekspedisiýanyň öňünde Ahal oazisini basyp almak wezipesi goýlupdyr. Şonuň üçin general Lazarewiň ygtyýaryna her biri 450 adamdan ybarat bolan 16 batalon, kazaklaryň 18 ýüzlügi (sotnýasy), 2 atly eskadron, 34 top we başga-da köp mukdarda goşmaça harby enjamlar we güýçler berlipdir. Ol Kaspi deňziniň kenaryna gelip, goşuny derrew urşa taýýarlap başlapdyr.

Türkmenler hem abanyp gelýän bu howpa garşy güýçli taýýarlyk görýärdiler. Aşgabat maslahatynda patyşa goşunlarynyň Ahala süýşmeginiň öňüni almak üçin Bendesene goşun iberilmeli edilýär. Berdimyrat han, Orazmämmet handyr Gurbanmyrat işan dagylar haýal etmän 4 müň atly, 2 müň pyýada goşun bilen Bendesene gidýärler. Ol ýerde pyýada goşuny goýup, Berdimyrat han Dykma serdar bilen bile atly goşuny alyp, rus goşunlarynyň gös-göni öňünden çykmak üçin Hojagala tarap ugraýarlar. Emma olara ýolda duýdansyz rus goşunlary pete-pet gabat gelýär. Bu ýerde harby çaknyşyk uzaga çekmändir. Rus goşunlarynyň ýaraglarynyň artykmaçlygyna göz ýetiren Berdimyrat han öz ýigitleri bilen Bendesene çekilipdir. Ol ýerden pyýada goşunyny hem alyp, Börmä gaýdypdyr.

Börmede gyssagly maslahat geçirilýär. Onda Ahalyň ähli ilatyny Gökdepä ýygnamaly edilýär. Hemme obalara habar iberilýär. Ýöne ähli ilaty Gokdepede jemlemek hem-de goranyşa güýçli taýýarlyk görmek üçin wagt gerekdi. Wagt utmak üçin Dykma serdar bilen Sopy hany ruslaryň arasyna ibermeli edilýär. Bular ruslardan ätiýaç edip, olaryň arasyna gitmejek hem bolupdyrlar. Emma maslahatyň kararyny ýerine ýetirmek hökmandy. Olar rus ketdeleriniň ýanyna öz tiredeşlerini rus raýatlygyna kabul etmegini haýyş etmek bahanasy bilen barmalydy. Olar şeýle hem edipdirler. Ýöne türkmenleriň göz öňünde tutan hileleri başa barmandyr. Sebäbi rus goşunlarynyň täze baştutany general A.A. Lomakin Dykma serdaryň we

Sopy hanyň aýdanlaryna ynanmandyr, olaryň ýaragyny alyp, özlerinem göz tussagy edipdir. Çekişlerden gelýärkäler ýolda general Lazarewiň kebzesinden otbaşy çykyp Çatda ýogalansoň, Lomakin rus goşunlaryna ýolbaşçylyk edip başlapdy. Rus goşunlary çalt hereket edýärdi. Olaryň golaýlap gelmegi bilen Ahal ilatynyň baştutanlarynyň galagoplugy artyp başlaýar.

Olar Gökdepede uly maslahat geçirýärler. Onda her kim öz pikirini aýdypdyr. Käbir adamlar «Orsýet gaty güýçli döwlet. Onuň bilen uruşsak, biz armanly gyrlarys. Ondan, geliň, boýun bolaýalyň» diýipdir. Ikinji bir topar adamlar: «Biz rus goşunlaryny öz topragymyza goýbermeris. Ýurdumyzy iň soňky damja ganymyza çenli goraryс» diýipdirler. Üçünji bir topar adamlar bolsa «Ilaty gala ýygnaman, kowdum-gaçdy uruş edeliň» diýen teklibi öňe sürüpdir. Köp çekeleşikden soň ahyry Watany iň soňky damja gana çenli goramaga bütin halk bolup kasam edilýär.

Köne Gökdepe galasyna garanda harby taýdan amatly hasaplanylýan Diňlidepäniň ýanyndaky galanyň — geljekde Gökdepe galasy diýlip atlandyryljak galanyň gurluşygynyň depgini has-da güýçlendirilýär. Galanyň gurluşygyna gös-göni Berdimyrat han bilen Orazmämmet han ýolbaşçylyk edýär. Olara kömekçi edilip bolsa Hezretguly han bilen Öwezdurdy han bellenilýär. Galany uly il bolup gurupdyrlar. Onda hemme adam meýletin işläpdir.

Emma ruslar diýseň çalt depgin bilen öňe süýşýärdi. Olar gala golaý gelenlerinde türkmenler ony heniz doly gurup gutaryp bilmändiler. Günorta ganatynyň boýy ýarpysyna-da ýetirilmändi. Galanyň hemme tarapynyň umumy beýikligi göz öňünde tutulan derejesinde ýokary galdyrylmandyr. Şonuň üçin onuň içindäki ähli öýleriň depesi görünýär eken.

General Lomakin Gökdepe galasyna hüjüm etmek üçin öz goşunlaryny üç kolonna bölüpdir. Birinji öň hatardan barýan kolonnanyň komandiri polkownik Dolgorukow, ikinji hatardan barýan kolonnanyň komandiri general Borh, üçünji hatardan barýan kolonnanyň komandiri bolsa kapitan Keganow bolupdyr. Keganow ähli ýük kerwenine jogapkär bolupdyr.

Patyşa goşunlarynyň Gökdepä üç kolonna bolup gelýänini gören Berdimyrat han Garabatyryň ýolbaşçylygy astyndaky atly goşuny duşmanyň ýük çekýän ulagly üçünji kolonnasynyň üstüne sürýär. Türkmenleriň bu hüjümi ruslaryň öňden barýan esasy goşunynyň arasyny yzdan gelýän harby enjamly kolonnadan üzüp, olaryň öňe süýşmegini kynlaşdyrmalydy. Emma bu başa barmaýar. Sebäbi ýükçi kolonnanyň ýagdaýyny aňan general Lomakin derrew olara kömekçi goşun iberýär. Olar türkmenleri top okuna tutup başlapdyr. Netijede türkmenleriň güýji asgyn gelip, yza çekilmeli bolupdyr.

Ikinji çaknyşyk türkmenleriň atly goşuny bilen ruslaryň öňden barýan goşunynyň arasynda bolýar. Türkmenler ruslaryň öňden barýan kolonnasynyň hereketini

duruzjak bolup, ähli güýçleri bilen gaýduwsyz söweşýärler. Emma ruslaryň güýjüniň agdyklyk etmegi sebäpli türkmenler ýene-de yza çekilmeli bolýar. Ruslar öňe hereket edip, edil galanyň alkymyna barypdyrlar. Indi olar galany zabt edip almaklygy ýüreklerine düwýärler.

1879-njy ýylyň 28-nji awgustynda ruslar galanyň demirgazyk günbatar tarapyndan aýgytly hüjüme geçipdırler. Rus soldatlary gala çozup başlanlarynda olaryň toplary galanyň içini oka tutup başlapdyr. Az wagtdan soň top atylmasy kesilip, garpyşykly söweş başlapdyr. Türkmen ýigitleri egri gylyçlaryny bulaýlap, duşman üstüne şir dek topulypdyrlar. Muňa garamazdan, rus soldatlary barha öňe dyzapdyrlar. Bu jygba-jygbaly ýagdaýda Berdimyrat han «Ýigitler, rus basybalyjylaryny kül-peýekun etmek zamany geldi» diýip, olary ruhlandyrypdyr. Iki tarap hem gazaply söweşýär.

Gala ýygnanan ähli ilat — aýal-erkek, garrylar, çagalar ýurduň azatlygy we erkinligi ugrundaky ganly jeňde deňi-taýy bolmadyk edermenligiň, gaýduwsyzlygyň, durnuklylygyň nusgasyny görkezipdirler.

Ruslar barha zor salyp başlapdyrlar. Türkmenler gepleşik geçirmek üçin rus ketdelerine ýüz tutýarlar. Emma olar türkmenler wagt utjak bolýandyr öýdüp, gepleşik geçirmekden ýüz dönderipdirler. Söweş barha dartgynly dowam edipdir. Türkmenler haýran galarlyk derejede tutanýerlilik hem-de köpçülikleýin gahrymançylyk görkezipdirler. Patyşa goşunlaryna olaryň arasyndan ýekeje-de dönüklik edeni ya-da içaly bolmaga razylyk bereni tapmak başartmandyr. Türkmenler galany gahrymançylyk bilen gorap saklamagy başarypdyrlar. 28-nji awgustda bolan söweşe ruslar tarapyndan üç müňden gowrak adam gatnaşypdyr. Şol gün patyşa goşunlary 450 töweregi adam ýitiripdirler. Olar türkmenleriň zor salmagyna çydaman, yza çekilmäge mejbur bolupdyrlar. Türkmenler 600 sany berdankany olja alypdyrlar. Söweşde türkmenler hem köp ýitgi çekipdirler. Olaryň öleni we ýaraly bolup hatardan çykany iki müň adama ýetipdir. Ölenleriň arasynda türkmeniň deňsiz-taýsyz sazandasy Amangeldi Gönübek, Gara batyr, Berdimyrat han we başgalar bar eken.

Patyşa goşunlary yza çekilip, Bendesen geçelgesine baryp ýetipdirler. Ondan geçenlerinde rus goşunlary köp maddy ýitgiler çekipdirler. Harby enjamlary, azyk-suwluklary ýüklenen düýeleri bir ýandan arryklygyndan hem kesel sebäpli ölüp başlapdyr. Diňe bir günüň dowamynda 345 düýe ölüpdir. Şonuň üçin olar ok-ýaraglaryny we goş-golamlaryny taşlap, aç-suwsuz, ulagsyz, weýran ýagdaýda özlerini zordan Bendesen obasyna atypdyrlar. Ol ýerden hem aňyrlygyna gidipdirler. Şeýlelik bilen türkmenler tarapyndan birinji Ahalteke ekspedisiýasy derbi-dagyn edilýär. Şu ekspedisiýa gatnaşan W.A. Tuganmürze Baranowskiy «Ruslar Ahaltekede 1879» diýen ýörite ýatlama kitap ýazypdyr. Ol şonda türkmenleriň batyrlygy, gylyç işletmäge ezberligi hakda köp faktlary getirýär. Bir gezek soweş gidip durka alty sany dagystanly bir türkmeniň daşyna geçipdir. Ol diňe gylyjy bilen olaryň altysynam ýaralamaga ýetişipdir. Baranowskiý hatda

çagalaryňam gorky-ürküni bilmän söweşendiklerini nygtapdyr. Ol bir gezek dokuz ýaşly oglanjygyň eli ullakan pyçakly ýeriwan polkunyň ofiserleriniň üstüne batyrgaý topulanyny görendigini ýazýar.

## TÜRKMEN HALKYNYŇ WATANÇYLYK URŞY (1879-1881-NJI ÝYLLAR)
## NURBERDI HAN

Nurberdi han öz zamanasynyň uly syýasy we jemgyýetçilik işgäri bolupdyr. Ol halk bilen bile hereket edipdir, onuň aladasy bilen ýaşapdyr. Nurberdi hanyň halka eden hyzmatyny Saparmyrat Türkmenbaşy gysgaça şeýle beýan edýär: «Mana Nurberdi hanyň gamçysyny getirip görkezdiler. Şol gamçy hem türkmenleriň taryhydyr. Ol gamçynyň eýesi ata Watany, ene topragy goramak üçin gan döken, uly ile ýolbaşçylyk eden adam. Ol türkmeniň beýik adamlarynyň biridir. Nurberdi hanyň döwri türkmeniň taryhynyň uly sahypasydyr, özi-de gahrymançylykly sahypasydyr».

Nurberdi han 1820-nji ýylda Ahalyň Mehin obasynda dünýä inipdir. Onuň hem asly Gowşut hanyňky ýaly han-beglerden bolupdyr. Kakasyna Döwletmyrat han, atasyna Garababa han, daýysyna Kazy han diýer ekenler. Ol ýaşlykdan Ahalyň belli hany Garaoglanyň terbiýesini alypdyr.

1850-nji ýylda Ahalyň merkezi hasaplanýan Gökdepede uly maslahat bolýar. Oňa ähli gala hanlary, serdarlar, ýaşulular, ulamalar we beyleki parasatly adamlar çagyrylýar. Şol maslahatda Nurberdi Ahalyň hanlar hany, ýagny baş hany edilip saýlanýar. Ýygnaga gelen gala hanlarynyň we serdarlarynyň arasyndan ala-böle Nurberdiniň baş hanlyga göterilmeginiň özboluşly sebäbi bardy. Ol-da: «Halatsyz han bolmaz, ýoldaşsyz serdar» diýlişi ýaly, Nurberdiniň başgalaryň görmeýän zadyny görmegi, aňmaýan zadyny aňmagy, duýmaýan zadyny duýmagy başarýan halatly adam bolanlygyndan ybaratdyr.

Nurberdiniň hanlyga göterilmegi mynasybetli tutulan üç günlük toýdan soň, onuň kakasy gylýal sürülerini ýataklara gabap, ulagsyz jigitlere at saýlap almagy teklip edipdir. Özüniň ahli mal-garasyny we emlägini ogly Nurberdiniň hanlygyna, halkyna bagyşlapdyr. Nurberdi han çynar boýly, görmegeý, daýaw, akylly-paýhasly adam bolupdyr.

Nurberdi han öz töweregine Orazmämmet han, Çopan batyr (Çopan Kir), Dykma serdar, Gara batyr, Gurbanmyrat işan, Amangeldi Gönübek ýaly pähim-paýhasly adamlary toplap bilipdir. Olar bilen hali-şindi maslahatlaşyp, halkyň gün-güzerany bilen baglanyşykly ähli meseleleri bile çözüpdir. Ol türkmen taýpalaryny birleşmäge, agzybirlige, birek-birege kömek bermäge çagyrypdyr. Bu meselede özi görelde görkezipdir. Haçanda 1858-nji ýylda gökleňlerden kömek sorap habar gelende, ol 10 müň atly bilen derrew Garrygala barypdyr. Aňyrdan Mahmyt işanyň baştutanlygynda 8 müň atly ýomut türkmenleri gelipdir. Netijede gökleň, teke,

ýomut taýpalarynyň birleşen güýçleri Eýranyň goşunyny çym-pytrak edipdir. Eýran goşunlarynyň ketdeleri Nurberdi handan çekinipdirler. Meselem, 1861-nji ýylda Nurberdi hanyň Mara kömege gelýändigini eşiden Eýran goşunynyň baştutanlary aljyrap başlapdyr. Ony Abdysetdar Kazy «Jennamada» şeýle beýan edýär:

Ýagşy habar däldir, bil, eý, şazada,

Men habar aýdaýyn, sen bol habardar.

Gelýärmiş Nurberdi han Ahaldan,

Belli däl geljegi näçe mahaldan.

Wada beren güni şu gün ýa erte,

Leşger tartyp gelse, ömrümiz kerte...

Bu habar şazada täsir etdi tiz,

Serine gam-gussa gelip ýetdi tiz...

Bildirmän hendekden çykyp gideliň,

Ýeriň pesi bilen gaçyp gideliň.

Nurberdi hanyň döwründe Ahal, Tejen we Mary şehitlerinde ýaşaýan türkmen taýpalary ýakyn aragatnaşykda we agzybirlikde ýaşapdyrlar. Olar bütin Günorta Türkmenistanyň özbaşdaklygyny keseki ýurt basybalyjylaryndan goramakda uly güýje öwrülipdirler. Nurberdi hanyň täsiri gökleň we ýomut türkmenleriniň arasynda hem bolupdyr. Olar Nurberdi hana uly hormat goýupdyrlar. Şeýlelik bilen türkmen taýpalarynyň birleşmek meýli güýçlenipdir.

Gowşut hanyň teklibi boýunça Nurberdi hana Mara gelende-de Ahaldakysy ýaly öz öýünden örsün diýen niýet bilen oňa abraýly ýeriň asylly maşgalasy Töre sokynyň gyzy, adamsy 1855-nji ýylda uruşda ýogalan Güljemaly alyp berýärler. Uly hormat goýup bir inçe ýabyň boýundaky ýerleri mülk ýer edip berýärler.

Nurberdi han 1878-nji ýylda Gowşut hanyň aradan çykandygyny eşidip, «Sag omurdanym goparylan ýaly boldum» diýip, Mara gidipdir. Şol ýerde ol bahym syrkawlapdyr. Patyşa goşunlary Gökdepä hüjüm edenlerinde Nurberdi han Maryda eken. Sebäbi bir ýany ýarawsyzlyk, bir ýany ruslaryň Amyderýa tarapdan Mara hüjüm etjek diýen gürrüňiň ýaýramagy onuň şol ýerde wagtlaýynça bolmagyny talap edipdir. Rus çinownikleri hile gurap, her hili ýalan-ýaşryk gürrüň ýaýratsalar-da, Mary ilaty Ahal ilatyna kömek üçin gyssagly taýýarlyk görüp başlapdyr.

Nurberdi han duýdansyz ýolugan keselinden aýňalandan soň, haýal etmän 1880-nji ýylyň sentýabr aýynda Gökdepä gelýär. Gökdepäni ýeňişli goraýjylar hany oňat garşy alypdyrlar. Ol oglunyň mazarynyň başyna baryp, aýat okapdyr. «Berekella ogul, sen il-günüň, ýurduň üçin mert söweşip gurban bolupsyň. Ýatan ýeriň ýagty bolsun» diýip gaýdypdyr. Ony ýene baş han belläpdirler.

Nurberdi han Gökdepäniň golaýyndaky Yzgant obasynda mekan tutup, şol ýerde uly ýygnak çagyrypdyr. Ýygnakda ruslar ýene dolanyp geler diýlip Diňlidepedäki galany gurup gutarmaly diýen karara gelnipdir. Şeýle hem ýurtda düzgün-tertibi hem-de howpsuzlygy berjaý etmegi üpjün etmek üçin müň adamdan ybarat ýasawul-gorag güýçlerini düzüp, ony hanyň ygtyýaryna bermeli edilipdir. Olary eklemek üçin hana belli bir derejede ilata salgyt salmaga rugsat berlipdir. Ýasawul-gorag güýçlerine esasan Ahalyň serhetlerini goramak, polisiýa we awangard gullugyny berjaý etmek tabşyrylypdyr. Olara Orazmämmet han, Myrat han, Öwezdurdy han, Hezretguly han ýolbaşçylyk edipdir.

Ruslardan gaçyp, öz halkynyň arasyna dolanyp gelen Dykma serdar bilen Sopy han göni Nurberdi hanyň ýanyna baryp, öz başlaryna düşen ýagdaýy düşündiripdirler. Nurberdi han bolsa Dykma serdar bilen Sopy han hakda alasarmyk gürrüň etmeli däldigini, olaryň patyşa goşunlaryna garşy janaýaman göreşjekdiklerini halka ynandyrypdyr.
Nurberdi han galanyň gurluşygyna aýratyn üns beripdir. Ol Diňlidepä göçüp barypdyr. Gurluşyk uly depginde alnyp barlypdyr.

Emma hanyň saglyk ýagdaýy ýaramazlaşyp, 1880-nji ýylyň aprel aýynyň aýaklarynda aradan çykypdyr. Onuň ölümi bütin türkmen halkyna uly ýitgi bolupdyr. Ol türkmenleriň arasynda dörän baştutanlaryň iň beýigidi. Külli türkmen onuň ýasyny tutupdy. Gökdepeden egne göterip Hankärizdäki gonamçylyga äkidip jaýlapdyrlar. 1990-njy ýylda onuň mazarynyň üstüne haşamly äpet ýadygärlik gümmez galdyryldy. Ol ýer indi uly iliň zyýarat edýän ýerine öwrüldi.

## TÜRKMEN HALKYNYŇ WATANÇYLYK URŞY (1879-1881-NJI ÝYLLAR) IKINJI AHAL-TEKE EKSPEDISIÝASYNYŇ HARBY HEREKETINIŇ BAŞLANMAGY

Orta Aziýada öz täsirini güýçlendirmek ugrunda rus-iňlis bäsdeşligi barha ýitileşýärdi. Edil şeýle pursatda rus goşunlarynyň Ahalda ýeňilmegi patyşa hökümeti üçin uly zarba bolýar. Sebäbi ol Krym urşunda ýeňlenden soň, Orta Aziýada uly ýeňişler gazanyp, öz döwletiniň kuwwatyny has ýokary götermek ugrunda çalyşýardy. Uly ahmyr bilen Ahaly eýelemek üçin ikinji Ahal-teke harby ekspedisiýasyny düzýär. Oňa komanduýuşiý edilip, ozal Orta Aziýada ýakasyny tanadan, 1877-1878-nji ýyllardaky rus-türk urşuna gatnaşan general M.D.

Skobelew bellenýär. Muny Ahal tekeleri 1880-nji ýylyň aprel aýynyň başlarynda eşidipdiler. Ol wagt Nurberdi han ýaraman ýatan eken. Emma onda-da ol Yzgantda gyssagly maslahat çagyrýar. Maslahatda ähli ilaty Gökdepä ýygnamaly edilipdir. Han bu işi Dykma serdar bilen Gurbanmyrat işana tabşyrypdyr. Emma Nurberdi han basym ýogalypdyr. Onuň ýerine ogly Magtymguly tutuş Ahalyň hany diýlip yglan edilipdir. Ol ýaş ekeni. Ylymdan, bilimden geregini edinen-de bolsa, heniz urşa galnaşyp görmändir. Şonuň üçin tejribeli Orazmämmet han onuň wezirligine, Gurbanmyrat işan bolsa bütin Ahalyň kazylygyna bellenipdir. Galanyň gurluşygynyň depgini güýçlendirilip, iýun aýynyň aýaklarynda doly gutarylypdyr.

General Skobelew 1880-nji ýylyň maýynda Krasnowodska gelýär. Ol derrew rus goşunlarynyň ýerleşen ýerleri we olaryň ýagdaýy bilen tanyşýar. Ol goşunyň mundan beýläk-de ok-ýarag, azyk-suwluk bilen üpjün edilmegine uly üns berýär. Kaspi deňziniň kenaryndan başlanan demir ýol gurluşygyny güýçlendirýär. Ol çaltlyk bilen Balaişem stansiýasyna çenli ýetirilipdir. Bu, esasan, harby enjamlary daşamaga hyzmat edipdir. Mundan başga-da, general rus goşunlary üçin ummasyz köp mukdarda öý, keçe, düýe, ýaby, araba ýaly gerekli zatlary toplamagy gurapdyr. Onuň buýrugy bilen rus goşunlary haýal etmän Bama süýşüp gelipdirler. Ýolda duşan obalaryny weýran edipdirler.

Ruslar Bamyny eýeländen soň, tekeler Diňlidepede maslahat geçiripdirler. Onda birnäçe adamlar ilatyň guma çekilmegine rugsat berilmegini talap edipdirler. Ýene birnaçeleri bolsa galany goramagyň tarapynda bolup çykyş edipdirler. Ahyry maslahat galada galmagy we iň soňky deme çenli uruşmagy karar edipdir.

Skobelew Bamyda esasy güýçlerini goýup, 1880-nji ýylyň 1-nji iýulynda ýanyna 800 atly, 10 top, 8 raketa stanogyny alyp, Gökdepäni öwrenmek üçin barlag ýörişini geçirýär. Ol çalt hereket edip Gökdepäniň golaýyndaky Ýegenbatyr galasyna gelip, ony eýeläpdir. Şol ýerde az-owlak goşun goýup, özi beýleki goşunlary bilen Gökdepä has golaý ýerde ýerleşýän Ýaňgala obasynyň alkymyna gelipdir. Şol ýerden 6-njy iýulda Diňlidepäni top okuna tutup başlapdyr. Toply, uzaga atýan kämil ýaragly goşun bilen türkmenleriň güýji deň gelmändir. Rus goşunlary Gökdepe galasy bilen baglanyşykly özlerine gerekli maglumatlary alyp, kän ýitgi çekmän ýene Ýegenbatyr galasyna gaýdyp gelipdirler. Şol ýerdenem öz bazalaryna — Bama gidipdirler.

Dykma serdaryň baştutanlygynda türkmenler 6-njy iýulda agşamara yzyna — Bama gaýdyp barýan rus goşunlarynyiî üstüne çozupdyrlar. Garrykärizi eýeläpdirler. Ruslaryň yza çekilýän ýoluny kesmek üçin Dykma serdar Gulbatyr serdary 600 atly bilen öňe ugradypdyr. Edil şol gün Gökdepä Mary tekelerinden Berkeli hanyň baştutanlygynda 800 atly, saryklardan 150 atly kömege gelipdir. Olar hem gyzgyny bilen söweşe giripdirler. Ruslar bilen bolan şol günki çaknyşykda türkmenler kän ýitgi çekmändirler. Ýöne ertesi Arçman tarapa barýan rus goşunlary bilen bolan çaknyşykda türkmenlerden 200 çemesi adam ölüpdir. Olaryň arasynda bäherdenli Hudaýýar han, Marydan gelen Berkeli han dagy bar

eken.

Ruslar Gökdepe galasyna aýgytly hüjüm etmezden öň ony pugta öwrenmek üçin jan edipdirler. Galanyň planyny telim gezek çekipdirler. Galanyň içiniň umumy meýdany takmynan 100 gektardan sähelçe giňräk eken. Onuň diwarynyň düýbüniň galynlygy 11 metre, depesiniň galynlygy 4 metre, beýikligi bolsa 10-12 metre golaý bolupdyr. Duşmana päsgel berer ýaly galanyň bütin daş ýüzüne çuň we giň garym gazylypdyr. Oňa gerek wagty suw goýberilip durulypdyr. Gala ýygnanan ilat takmynan 45 müň, uruşmaga ukyply, eli ýarag tutup bilýan adamlar bolsa 25 müň töweregi eken.

Türkmenlerde ruslaryň harby güýji barada anyk maglumat bolmandyr. Olar ruslaryň bar güýji Skobelewiň 6-njy iýuldaky çozuşa gatnaşan goşunyndan ybaratdyr öýdüpdirler. Olaryň aňyrsynyň juda kändiginden bihabar ekenler. Şoňa görä türkmenler ruslary Gökdepä getirmän, yzlaryna kowmak maksady bilen olaryň üstüne ençeme gezek duýdansyz çozupdyrlar. Olaryň Bama, Hojagala, hatda Gazanjyga baryp ýeten wagtlary-da bolupdyr. Ýöne her gezekki çaknyşykda türkmenler ruslara garanda köp ýitgi çekip, yzlaryna gaýdypdyrlar.

Ruslaryň güýjüniň juda agdyklygyny aňan gala goraýjylar ynjalykdan gaçypdyrlar. Olar galanyň goragyny güýçlendirmek maksady bilen Mara we Hywa ýomutlaryna ýüz tutupdyrlar. Marydan Topaz hanyň baştutanlygynda 11-nji dekabrda 2 müň atly gelip, 1881-nji ýylyň 5-nji ýanwaryna çenli galadaky bolan söweşlere aktiw gatnaşypdyrlar. Hywa ýomutlary bolsa han biziň kömek berjek bolýanymyzy bilen badyna bu hakda rus ketdelerine habar berer, olar biziň öýümizi başymyza ýumrar diýip, ruslardan howatyr edýändiklerini habar edipdirler. Bularyň aýdýanlarynyň jany bardy. Sebäbi ruslar Hywa ýomutlarynyň başyna Gazawat gyrgynçylygyny salypdy. Olar nöker iberip bilmeseler-de, tekeleriň rus goşunlaryna garşy gaýduwsyz göreşini ýürekden goldapdylar.

Rus goşunlary ýuwaş-ýuwaşdan öňe süýşüp, täzeden Ýegenbatyr galasynda ymykly ornaşýarlar. Bu gala Skobelew Bamydan gizlinlik bilen ähli goşunlaryny, ok-ýaraglaryny we azyk-suwluklaryny getirýär. Onuň buýrugy boýunça rus goşunlary harby taýdan has ähmiýetli bolan Ýaňgala obasyny eýelemäge synanyşýarlar. Eger ruslar ol obany eýeleseler, onda olaryň Eýranyň demirgazygynda jemlän azyk zapaslaryny Germawyň üsti bilen getirmäge ýol açylýardy. Onuň üstesine-de, oba Sekizýabyň ugrunda ýerleşenligi üçin suw meselesi oňaýly çözülýärdi. Ýaňgalany türkmenleriň esasy serdary hokmünde hereket edýän Dykma serdaryň atly goşuny we Mämmetguly hanyň pyýada goşuny goraýardy. Iki tarap hem gazaply söweşýär. Emma ruslaryň top oklary olary yza — gala tarap çekilmage mejbur edipdir. Şeýlelik bilen rus goşunlary 20-nji dekabrda Ýaňgalany eýeläpdirler.

Ýaňgala obasynyň basylyp alynmagy bilen Gökdepe kompaniýasynyň iň esasy jemleýji etaby — galany boýun egdirmek boýunça geçirilmeli harby operasiýanyň

taýýarlyk döwri başlanýar. Ruslar eýelän ýerlerinde garym gazyp, pugta ornaşypdyrlar. Ol ýerlere ähli harby we tyl gullugynyň güýçlerini getiripdirler. General Skobelew gala aýgytly hüjüm etmezden öň, ony gabamagy ýüregine düwýär. Onuň bar aladasy gala ýygnanan tekeleri galadan çykarman gyrmak bolupdyr. Şonuň üçin generalyň buýrugy boýunça rus esgerleri galany gabamak niýeti bilen keseligine, dikligine garym gazyp, öňe süýşmeklerini dowam etdiripdirler.

Türkmenler hem galany goramak üçin berk taýýarlyk görüpdirler. Gala ýygnanan esasy dört tirä hersiniň öz hany ýolbaşçylyk edipdir. Ol tireler wekillerden, syçmazlardan, beglerden, bagşy-daşaýaklardan ybaratdy. Şu tireleriň hersiniň hany galanyň öz tiresi tarapyndan salnan ganatyny berk goramaly hem-de öz tiresiniň ilatynyň galadan göçüp gitmezligi üçin jogap bermeli edilipdir.

## PATYŞA GOŞUNLARYNYŇ GALANY GABAMAGA SYNANYŞAN DÖWRI

Rus goşunlarynyň komandowaniýesi galany gabap, onuň teýine däri üýşürip partlatmagy, edil şol pursatda-da aýgytlaýjy hüjüme geçmegi planlaşdyrýar. Şu maksat bilen patyşa goşunlary galany gabamak işlerini 23-nji dekabrdan başlap onuň üstüne her gün dyngysyz top okuny ýagdyryp ugrapdyr.

Galanyň dyngysyz top okuna tutulmagy galadaky ilatyň goh-galmagalyny artdyrypdyr. Muny eşiden Skobelew tekeler galany taşlap gaçyp gitjek bolýandyr öýdüpdir. Olar gaçyp giden halatlarynda öňlerini kesmek üçin general Petrusewiçi Gökdepe galasynyň gaýra gündogarynda ýerleşýän Jümmi galasyna iberipdir. Ol ýere baran generalyň atlylary bilen Gulbatyr serdaryň atlylarynyň arasynda 23-nji dekabrda uly söweş bolupdyr. Söweşde general ölüpdir. Şol gün ruslar 72 adam ýitiripdirler. Olar bu söweşiň bolan ýerine «Petrusewiçiň bagy» diýip at beripdirler. Sebäbi galanyň töweregi bag-bakjalyk eken. Bu söweşde türkmenler hem köp adam ýitiripdirler. Ýerli ilatyň Jümmi galasyny «Mergenleriň gyrlan ýeri» diýip atlandyrmaklary ýitginiň az bolmandygyny aňladýar.

Rus goşunlarynyň top oklary zerarly çekilýän ägirt köp ýitgilere garamazdan, türkmenler galany gahrymançylykly goramaklaryny dowam etdiripdiler. Patyşa goşunlary her näçe jan etseler-de galany doly gabamak olara başartmandyr. Sebäbi galanyň günbatary hem-de gaýrasy tutuşlygyna galany goraýjylaryň ygtyýarynda bolupdyr. Olar şol ýerlerden islän wagtlary girip-çykyp bilipdirler. Umuman, galany goraýjylaryň gaýraky gum bilen arasy üzülmändir.

Magtymguly han ýaş bolansoň galanyň içinde ähli işlere umumy ýolbaşçylyk Dykma serdar bilen Gurbanmyrat işanyň hem-de Orazmämmet hanyň elinde jemlenipdir. Türkmenler Dykma serdary (1825-1882) diňe bir batyr söweşiji hasap etmän, eýsem ony köp gowgalary başdan geçiren tejribeli baştutan diýip hem

hasap edipdirler. Gala ýygnanan ähli ilat oňa ynanypdyr, ony goldapdyr, yzyna düşüpdir. Onuň sarpasy belent, abraýy uly bolupdyr. Ol tertip-düzgüni berk talap edipdir. Hemme kişi onuň buýrugyna boýun bolupdyr. Hatda maslahatlary hem onuň özi geçirip, özi ýolbaşçylyk edip ugrapdyr.

Gurbanmyrat işanyň (1825-1902) abraýy hem Dykma serdaryňkydan pes bolmandyr. Ol gaýduwsyz batyrlygy we ylymdyr sowadynyň ýetikligi bilen ilatyň arasynda uly hormata eýe bolupdyr. Onuň sarpasy belent tutulypdyr. Ilat ony keramatly adam hasaplapdyr. Bu tejribeli üç adamynyň Gökdepe galasynyň goragynyň başynda durmagy köp meseleleriň oňaýly çözülmegini üpjün edipdir.

Esasan gylyç, pyçak, hyrly tüpeň, syryklaryň ujuna gyrkylyk, synny berkidilip ýasalan naýza bilen ýaraglanan türknıenler şol döwrün iň kämil ýaragy bilen ýaraglanan rus goşunlaryna garşy döş gerip göreşmeli bolupdyrlar. Türkmenler sowuk ýaraglar bilen garpyşma söweşine ökde eken. Şonuň üçin ruslar olary golaýyna getirmejek bolup jan edipdirler. Köplenç türkmenler bilen gylyçly söweşmän, olary tüpeň we top okuna tutupdyrlar. Türkmenlerde bolsa Garrygala söweşinde Eýrandan olja alnan ýekeje mis top bar eken.

Şol agyr günlerde türkmenler Dykma serdaryň teklibi bilen ruslaryň üstüne gije duýdansyz çozmak taktikasyny ulanmagy karar edipdirler. Dykma serdar gijeki çozuşa gitjekleriň öňüne düşüp, özüniň-de gitjekdigini aýdypdyr. Onuň bu sözi galany goraýjylary ruhlandyrypdyr. Gijeki çozuş üç gezek geçirilipdir.

28-nji dekabrda geçirilen ilkinji gijeki çozuşlyga meýletin gatnaşmaga 4 müň adam isleg bildiripdir. Olaryň arasynda aýallar hem bar eken. Türkmenler gijeki çozuşa üç hatar bolup gidipdirler. Birinji hatarda gujurly we söweşjeň erkek adamlar bolurdyr. Olar elleri gylyçly, jöwher pyçakly, gyrkylykly söweşe giripdirler. Ikinji hatarda gidenler ölenleri hem ýaralylary ýygnapdyrlar. Üçünji hatarda gidenler olja, ok, ýarag ýygnapdyrlar.

Türkmenleriň 28-nji dekabrdaky çozuşy şowly bolupdyr. Olar dagdan daş inen ýaly, duýdansyzlykda uly gykylyk bilen duşmanyň üstüne çozupdyrlar. Ruslar gapyl galypdyrlar. Emma olar bahym özlerini dürsäp, garşylyk görkezip başlapdyrlar. Türkmenler şol gün uly ýitgi çekmän, ruslara uly zyýan ýetiripdirler. Apşeron polkunyň 4-nji batalonynyň baýdagyny, iki sany dag topuny, köp mukdarda ok-däri, ençeme berdeňke tüpeňi olja alypdyrlar. 96 soldaty we ofiseri gylyçdan geçiripdirler, 31-sini ýaralapdyrlar. Ruslar baýdaklaryny elden giderendiklerine gaty gynanypdyrlar. Türkmenleriň bu ýeňşini gökdepeli meşhur jarçy Garasähet özüniň güýçli sesi bilen bütiň galany goraýjylara ýetiripdir. Bu habar türkmenleriň ruhuny ýokary göteripdir. Gökdepe urşuna başdan-aýak gatnaşan Öweztagan Kätibi, Annagylyç Matäji ýaly başga-da birnaçe watançy şahyrlar türkmen ýigitlerini duşman bilen gaýduwsyz söweşmäge çagyrypdyrlar. Olaryň goşgularyny Hally şaýly atly ýogyn hem belent sesli bagşy aýdym edip aýdypdyr. Şaýlar bilen bezelen dor atyna atlanyp, eline dutaryny alyp, Ýaňgala

tarap garap, Kätibiniň, Mätäjiniň we beýleki şahyrlaryň «Duşmany uruň ýigitler, gyryň ýigitler» diýen ýaly manydaky goşgularyny aýdym edip aýdanda turbadan çykýan dek ýogyn hem ýiti sesi duşman goşunynyň arasynda gorky howsalasyny döredipdir. Türkmen ýigitlerini bolsa ruhlandyrypdyr.

Ruslar türkmenleriň gijeki çozuşlaryndan atiýaç edip, gije garawullap ýatman başlapdyrlar. Türkmenler 30-njy dekabrda ikinji gezek duşmanyň üstüne gije çozupdyrlar. Oňa 6 müň adam meýletin gatnaşypdyr. Bu gezek hem olaryň hüjümi şowly bolupdyr. Ene-de bir rus topuny, köp tüpeň we ok-däri olja alnypdyrlar. Ruslardan 53 adam ölüpdir, 98 adam ýaralanypdyr. Türkmenler hem 70 adam ýitiripdirler.

Şundan soň rus komandowaniýesi türkmenleriň duýdansyz gije çozuş taktikasyny düýpli öwrenip, onuň garşysyna zerur goranyş çärelerini geçiripdir. Her gün garaňky düşenden soň, ruslar öňdäki tranşeýalary-garymlary boş goýupdyrlar. Olaryň aňry gapdalynda öz goranyş pozisiýalaryny edinip, uzyn gije söweşe taýýar bolup durupdyrlar.

Bu ýagdaýdan habarsyz türkmenler 1881-nji ýylyň 4-nji ýanwarynda ruslaryň üstüne üçünji gezek çozupdyrlar. Bu gezekki çozuşa 12 müň adam gatnaşypdyr. Olar duşmanyň üstüne günortadan we demirgazykdan hüjüm edipdirler. Günorta tarapdan hüjüm eden goşuna Dykma serdaryň ogly Hakberdi han, demirgazykdan hereket eden goşuna bolsa Marydan gelen Topaz han bilen Gulbatyr serdar ýolbaşçylyk edipdir. Türkmenleriň bu gezekki çozuşy şowsuz bolupdyr. Sebäbi olar ruslaryň öň hatardaky boşgarymlaryna barandan güýçli garşylyga duçar bolupdyrlar. Gaty köp ýitgi çekilipdir. Marydan gelenleriň 300-e golaýy söweş meýdanynda galypdyr. Olaryň diri galan bir bölegi ýagdaýyň çykgynsyzdygynda göz ýetirip, 5-nji ýanwarda yzlaryna gaýdypdyrlar. Bir bölegi bolsa Topaz hanyň baştutanlygynda Gökdepe urşunyň ahyryna çenli söweşipdirler.

4-nji ýanwardan soň türkmenler gije çozmak taktikasyndan el çekipdirler. Ruslar bolsa gala has golaý gelip, galanyň teýine däri goýmak işlerini çaltlandyrypdyrlar.

## GÖKDEPE GALASYNDAKY AÝGYTLY SÖWEŞ

General Skobelew aýgytly hüjüme geçmeziniň öň ýanynda galanyň etegine 7 müňe golaý goşun, 76 top, 11 raketa stanogyny, ummasyz köp mukdarda ok-däri jemläpdir. Ol gala hüjüm etmek üçin öz goşunyny üç kolonna bölýär. Birinji kolonna polkownik Kuropatkiniň baştutanlygynda galanyň partladyljak günorta guşluk burçundan, ikinji kolonna polkownik Kozelkowyň ýolbaşçylygynda galanyň ileri tarapyndan ýörite getirilen toplar bilen ýumrulyp açylan gädiklerden hüjüm etmegi buýurýar. Üçünji kolonna polkownik Gaýdarowyň baştutanlygynda galanyň kybla tarapyndan hüjüm etmek tabşyrylýar. Soňra bularyň üçüsem galanyň içinde birigip, Diňlidepä hüjüm etmegi dowam etdirmeli eken.

Mundan başga-da, general rezerwdäki-atiýaçlykdaky kolonna köp güýç jemleýär. Bu uly güýji Diňlidepä hüjüm edilende peýdalanmaklygy göz öňünde tutýar. 11-nji ýanwarda mina-gazuw işleri esasan tamamlanypdyr. Galanyň göz öňünde tutulan diwarynyň aşagyna 72 put däri eltilip taýýar edilip goýlupdyr.

Türkmenler hem galanyň içinde uly goranyş çärelerini geçiripdirler. Galanyň diwary aýry-aýry uçastoklara bölünip, olaryň hersine ýörite jogapkär adamlar bellenipdir. Meselem, Ahalyň baş hany, şol bir wagtyň özünde-de wekilleriň tire hany Magtymguly hana galanyň demirgazyk-gündogar burçuny hem-de gündogardaky diwaryň gaýra bölegini goramak tabşyrylypdyr. Onuň ýaşlygy nazarda tutulyp, Dykma serdaryň hut özi oňa kömekleşmeli edilipdir. Daşaýaklylaryň tire hany Hezretguly hana galanyň gündogar diwarynyň ileri bölegi hem-de onuň guşluk burçy berkidilipdir.

Begleriň tire hany Orazmämmet hana galanyň tutuş ilerki-günorta diwary hem-de onuň kybla tarapyny goramak ynanylypdyr. Syçmazlaryň tire hany Muhammetguly han bilen Gyzylarbadyň hany Sopy han ikisine Diňlidepäniň gapdalyny-günbataryny, gaýra taraplaryny hem-de onuň demirgazyk burçuny goramak tabşyrylypdyr.

Türkmenler galanyň guşluk burçunyň günortasynda nähilidir bir düňk-düňküň bardygyny aňypdyrlar. Emma ruslaryň garym gazyp, däri bilen galany ýarjak bolýandyklary baradaky pikir olaryň kellesine-de gelmändir. Ruslar ýeriň astyndan deşik açyp, galanyň içine girjek bolýandyr öýdüpdirler. Eger ruslar ýeriň asty bilen gelip, galanyň içine deşik açyp girjek bolsalar, biz olary ýeke-ekeden ýok ederis diýip, güman eden ýerlerinde ökde mergenleri goýupdyrlar.

Rus goşunlary 1881-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda daň bilen hüjüme başlapdyrlar. Ilki bilen olaryň toplary galanyň diwarlaryndan gädik açylmaly edilen ýerleri oka tutupdyr. Pyýada goşun bolsa gädik açylaryna hem galanyň diwarlarynyň partladylaryna garaşyp, hüjüme taýýar bolup durupdyrlar. Kän wagt geçmänka, galanyň günorta-guşluk burçunda elhenç partlama bolup, asman-zemin elenipdir. Galanyň duýdansyz ýarylmagy galany goraýjylaryň şol ýerdäki iň bir saýlama mergenleriniň, batyrlarynyň ep-esli bölegini guma garyp, asmana sowrupdyr.

Galany goraýjylar birbada bu bolýan hadysa anyk akyl ýetirip bilmändirler. Olar ýer yranýandyr öýdüpdirler. Tekeler birbada aljyraňňylyga düşen hem bolsalar, basym özlerini dürsäp, elleri ýalaňaç gylyçly galanyň ýarylan ýerinden hüjüme geçen Kuropatkiniň kolonnasyna garşy söweşe girýärler. Bellenilen uçastoklaryndan hüjüme geçen Kozelkowyň we Gaýdarowyň kolonnasyna hem galany goraýjylar ölerini-galaryny bilmän, gahrymanlarça garşylyk görkezýärler. Ep-esli wagtyň dowamynda bolup geçen gazaply söweşiň netijesinde hüjüm edýän aýry-aýry üç kolonnanyň ganatlary galanyň iç ýüzünde birigýär. Ganatlary birigen kolonnalar şondan soň birleşen uly güýç bolup has öňe hereket edýärler. Gökdepe

galasynyň içi iki sany uly gapma-garşylykly güýçleriň arasyndaky gandöküşikli, gazaply söweş meýdanyna öwrülýär.

Galanyň içiniň ileri başlarynda goranma söweşini alyp barýan tekeleriň ýagdaýy has agyr bolupdyr. Sebäbi olaryň üstüne gündogarsyndan Kuropatkiniň, ilersinden Kozelkowyň, günbataryndan bolsa Gaýdarowyň goşun bölümleri dyngysyz ok ýagdyrypdyr. Galanyň içiniň hemme ýerinde söweş barha güýçlenipdir. Patyşa goşunlary galany goraýjylary ýaş diýmän, garry diýmän bir ujundan rehimsizlik bilen gyrypdyrlar. Hatda galadaky öýleriň, oraçalaryň, ýer dölelериniň içinde derde ýaraman oturan garry-gurtulary we çaga-çugalary hem ýok edipdirler. Emma galany goraýjylaryň eli ýarag tutany ölümini boýnuna alyp, duşman bilen batyrgaý söweşipdir. Olar top we kämil tüpeň bilen ýaraglanan rus goşunlarynyň hüjüminiň öňünde eli gylyçly durup bilmän, dabanma-daban söweşip, yza çekilmäge mejbur bolupdyrlar. Yza çekilenlerinde-de «Jan alman, jan bermeli däl» diýen ýörelgeden ugur alyp göreşipdirler.

Galanyň içiniň köp bölegini eýeländen soň rus goşunlarynyň üç kolonnasy hem Diňlidepä tarap hüjüme geçipdir. Galany goraýjylar ägirt uly güýç bilen süýşüp gelýän duşmanyň öňünde mert durup, ölümden heder etmän söweşipdirler. Diri galan Ahal serkerdeleri Diňlidepäniň üstünde durup, galanyň goralyşyna baştutanlyk edipdirler. Baş serkerde Dykma serdaryň baştutanlygynda yzky hatardan täze-täze güýçler getirilip, söweşe salynýar. Söweş juda gazaply bolýar. Türkmeniň buýsanjy gözel Gökdepe galasy iňläp başlaýar. Uruşmaga gurby çatmaýan ilat galanyň gaýraky çykalgalaryndan bosup çykyp, guma tarap gaçyp başlaýar. Bular esasan aýal-ebtatlardan, garry-gurtulardan, çaga-çugalardan ybaratdy. Eli ýarag tutup bilýän ilat göreşi dowam etdirýärdi.

Rus goşunlary Diňlidepä golaýlaşanlarynda olaryň hereketini artilleriýa bilen goldamak maksady bilen topçular hem ýetişibildiginden öz toplaryny öňe süýräp başlaýarlar. Ruslaryň Şirwan atly polkunyň esgerleri Diňlidepäniň bäş ýüz ädimlik golaýyna gelip, depäniň üstüni oka tutup başlaýarlar. Onýança topçular hem gelip ýetişýär. Olar Diňlidepäniň depesini birnäçe gezek top okuna tutýarlar. Günortanlar Şirwan polkunyň esgerleri öz baýdaklaryny Diňlidepäniň üstünde dikýärler. Ol bolsa galany goraýjylaryň komanda punktynyň elden gidenligini aňladýardy. Kän wagt geçmänkä ruslaryň yzyndan gelýän esasy güýji hüjüme geçip, Gökdepe galasynyň hemme ýerini diýen ýaly eýeleýär. Gün günortadan agansoň, Diňlidepäniň üstünde imperator baýdagy dikilýär. Bu bolsa Gökdepe galasynyň synandygyny habar berýärdi.

## GÖKDEPE GALASY SYNANDAN SOŇKY ÝAGDAÝ

Uruş mahaly rus goşunlarynyň komandowaniýesiniň görkezmesi boýunça rus esgerleri erkek adamlary ýesir almandyrlar. Olary gabat gelen ýerlerinde atypdyrlar. Ýaraly bolup gaçmaga ýetişmän gara öýleriň dulunda ýa-da ýer

döleleriň içinde ýatan adamlary hem rehimsizlik bilen gyrypdyrlar. Diňe aýal-ebtatlar we çaga-çugalar ýesir alnypdyr. Olaryň sany 5 müňe ýetipdir.

1881-nji ýylyň 12-nji ýanwary galany goraýjylar üçin hakykatdan-da ahyrzaman bolupdyr. 12-13 müň öý, oraça, çatma dikilen 45 müňe golaý ilatly galanyň içine 23 günüň içinde 872 müň tüpeň oky, 120 müňden-de gowrak top oky atylypdyr. Diňe 12-nji ýanwarda gala zabt edilen güni onuň depesinden 6 müňe golaý top oky, 2 müňden gowrak raketa, 286 müň tüpeň oky inderilipdir. Galany goraýjylaryň depesinden hem-de ýazzy maňlaýyndan gurşun bilen çoýun bölekleri ýagyş ýagýan ýaly ýagdyrylypdyr.

Gala synandan soň guma gaçyp barýan ilatyň yzyndan pyýada goşun 10 wýorsta çenli (1 wýorst — 1,06 km), atly goşun bolsa 15 wýorsta çenli kowalap gidipdir. Bosgunlaryň giden ýoly çaga, aýal, erkek jesetlerinden dolupdyr. Kowgyçylar mazaly garaňky düşüp, göz baglanandan soň yzlaryna dolanypdyrlar. Gökdepe galasyndaky söweşde gaty köp pida çekilipdir.

Türkmenler 1880-nji ýylyň 23-nji dekabryndan 1881-nji ýylyň 12-nji ýanwary aralygynda 7 müňe golaý, gala alnan güni bolsa 6 müňe golaý adamy ýitiripdirler. Olaryň arasynda Kerimberdi işan, Orazmämmet han, Dykma serdaryň ogly Hakberdi han we başgalar bar eken. Bosgunlaryň yzyndan kowlanda bolsa olaryň 8 müňe golaýynyň gyrlandygyny 1881-nji ýylyň 20-nji fewralynda Kawkaz goşunlarynyň Baş komanduýuşisine iberen maglumatynda Skobelew hut öz eli bilen ýazypdyr. Bu general gaty rehimsiz bolanlygy üçin türkmenler oňa «gözi ganly general» diýip at beripdirler. Oňa soň ölüm ýassygynda ýatyrka «Gökdepe galasynda eli ýaragsyz bigünä 8 müň adamyny gyranyňyz üçin Allanyň öňünde ynsap ejirini çekýärsiňizmi?» diýip sorag berlende ol: «Onuň 80 müň däldigine ahmyr edýärin» diýip jogap beripdir.

Gökdepani sürüp agdarmagy arzuw eden Skobelew 1881-nji ýylyň 13-nji ýanwarynda galanyň içinde ýeňijileriň paradyny geçirýär. Patyşa hökümeti bolsa «Za wzýatiýe şturmom Geok-tepe 12-go ýanwarýa 1881 goda» («1881-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda Gökdepäni zabt edip alanlygy üçin») diýen ýazgy ýazylan medal döredýär. Onuň bilen Gökdepe galasyny almaga gatnaşanlaryň hemmesi sylaglanypdyr.

Galanyň synan gününiň ertesi Skobelew dört gün “baranta” diýilýänine, ýagny rugsatly talaňa ygtyýar beripdir. Galanyň ýanynda ýörite bazar gurlupdyr. Patyşa goşunlaryna näçe talaňçylyk etseler-de, ýykylan galanyň içinden ýeterlik olja tapylypdyr. Sebäbi Ahal ilatynyň ähli gyzyl-alasy gala toplanypdy. Köp öýler haly düşekden, şaý-sepden, ýüpek geýim-gejimden doly eken.

Hakykatdan-da, 1881-nji ýylyň 12-nji ýanwary türkmenleriň erkana ýaşaýşynyň iň soňky güni bolupdyr. Şondan soň olar köp wagtlap bakna ýagdaýda ýaşaýarlar. Ol gara gün hakynda geplemek diýdimzorlar tarapyndan gadagan edilipdi. Emma

türkmeniň «Nähak gan ýerde ýatmaz» diýeni çyn bolup çykdy. Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S.A. Nyýazow 1990-njy ýylyň 8-nji dekabrynda galanyň synan güni 12-nji ýanwary mundan beýläk her ýyl Hatyra güni hökmünde belläp geçmek barada Perman çykardy. Munun özi Prezidentiň ähli halk bilen bir howadan dem alyp, onuň isleg-arzuwlary bilen ýaşaýandygyny subut etdi. Bu Permany halk we bütin dünýä jemgyýetçiligi milli ruhuň dikeldilmeginiň misilsiz akty hökmünde ykrar etdi. Perman Türkmenistanda ýaşaýan ähli halklaryň wekilleriniň milli, syýasy, ruhy-ahlak bütewiligini pugtalandyrdy. Gökdepe gyrgynçylygynda hiç bir halkyň günäsiniň ýokdugyny, onuň diňe patyşa hökümetiniň basybalyjylykly syýasatynyň netijesidigini anyk beýan etdi.

Rus goşunlary 1881-nji ýylyň 18-nji ýanwarynda Aşgabat obasyny eýeläpdir. Onuň günorta-günbatar tarapynda goşun özüne ýaşar ýaly kiçijik posýolok gurunypdyr. Ol posýolok geljekde häzirki Aşgabat şäherine öwrülýär.

Gökdepe galasy synandan soň bosgunlaryň ep-esli bölegi gaýrak guma, Tejene, Mara çekilipdir. Mara baran bosgunlaryň arasynda Dykma serdar, Magtymguly han dagy hem bar eken. Olar birnäçe wagtlap rus häkimiýetlerine boýun egmän gezipdirler. Ahyry hiç hili çykalga tapman, ruslara mejbury suratda tabyn bolupdyrlar. Dykma serdar şol ýyl rus häkimiýetleri tarapyndan Sankt-Peterburga iberilen tekeleriň ilkinji wekillerine (delegasiýasyna) ýolbaşçylyk edipdir. Onuň ýanynda Gökdepe söweşinde onuň sag goly bolan Gulbatyr serdar (1820-1905) ýaly başga-da birnäçe adam bolupdyr. Ruslar bulary Peterburg gorhanasyna, ok zawodyna, artilleriýa muzeýine we beýleki degerli ýerlere aýlapdyrlar. Iň soňunda hem patyşa Aleksandr II kabul edip, olara harby çin beripdir. Şeýdip patyşa hökümeti türkmenleriň görnükli adamlaryny öz tarapyna çekip, olaryň üstünden öz agalygyny pugtalandyrmaga çalşypdyr.

1993-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda Hatyra güni Gökdepe galasyna baranda Saparmyrat Türkmenbaşy 1879-1881-nji ýyllardaky Gökdepe urşuny Watançylyk urşy, onda wepat bolanlaryň hemmesini Watançylyk urşunyň gahrymanlary diýip yglan etdi. Gökdepe galasynyň edil öňküsi ýaly edilip dikeldiljekdigini mälim etdi. Munuň özi öz Watanynyň garaşsyzlygy ugrunda janyny pida edenleriň ýadygärligine mukaddes sarpa goýuldugydyr, taryhy hakykata dogry baha berilmegidir.

Totalitar sistema döwründe türkmen halkynyň öz ýurdunyň azatlygy ugrunda alyp baran Watançylyk urşunyň mukaddes manysy ýoýlup, galplaşdyrylyp gelindi. Wagşylyk bilen gyrlan 20 müňdende köpräk watançylaryň nähak gany üçin basybalyjylar däl-de, halk göreşine baştutanlyk eden hanlar, serdarlar, dindarlar aýyplandylar. Olary halk köpçüligini ezýän talaňçy hökmünde günäkärlediler.

Türkmen halky on iki süňňi bilen parahatçylygy, özbaşdaklygy, erkanalygy söýýän halk. Ol hiç wagt goşun sürüp Hywa hanynyň, Eýran şasynyň, rus imperiýasynyň üstüne barmandyr. Türkmen halkynyň 1879-1881-nji ýyllarda patyşa goşunlaryna

garşy alyp baran urşy Saparmyrat Türkmenbaşynyň aýdyşy ýaly, Watançylyk urşudyr. Onda türkmen halky öz Watanynyň garaşsyzlygyny, özbaşdaklygyny gorap saklamak üçin adalatly uruş alyp barypdyr. Türkmenler hiç kim bilen territoriýa dawasyny etmändir. Duşman onuň üstüne uzak ýol söküp gelipdir.

Gökdepe urşy Ahal oazisinde bolup geçen-de bolsa, ol uruş türkmenleriň ählihalk urşy bolupdyr. Urşa Mary tekelerem, saryklaram gatnaşypdyr. Patyşa Russiýasynyň penjesinde galan günbatardaky ýomutlar, gökleňler Ahal tekelerine rus goşunlarynyň güýji, planlary barada yzygiderli habar berip durupdyrlar. Sebäbi indi olar patyşa hökümetiniň kolonial syýasatynyň sütemini on iki süňňi bilen duýup başlapdylar.

Patyşa hökümetiniň wassaly bolan Hywa hanlygynda ýaşaýan türkmenlerem 1873-nji ýyldaky Gazawat gyrgynçylygynyň gaýtalanmagyndan ätiýaç edip, kömek berip bilmeýändiklerini gynanç bilen boýun alyp habar beripdirler. Ahal ilatynyň göreşini ruhy taýdan goldapdyrlar.

Gökdepe urşunda türkmenleri patyşa goşunlarynyň kämil ýaragy ýeňdi. Türkmenler uruşda diri galmak üçin däl-de, watanyň azatlygy we erkinligi üçin pida çekdiler. Türkmen halkynyň bu uruşda görkezen edermenlikleri we çeken pidalary Türkmenistanyň halk ýazyjysy Nargylyç Hojageldiýewiň «Gökdepe mukamy», «Ganojak» diýen eserlerinde giňişleýiň beýan edilýär.

## MARYNYŇ PATYŞA RUSSIÝASYNA MEJBURY BIRIKMEGI

Patyşa hökümeti Mary oazisine uly ähmiýet beripdir. Onuň generallary we diplomatlary baryp Gökdepä edilen ýörişler wagtynda Maryny eýelemegiň aladasyny edipdirler. Gökdepe galasy synandan soň Mary oazisindaki syýasy ýagdaý has çylşyrymlaşypdyr. Sebäbi ýuwaş-ýuwaşdan süýşüp gelýän ruslar bilen uruşmalymy ýa-da olara gürrüňsiz tabyn bolmalymy diýen mesele ilaty biynjalyk edipdir. Emele gelen ýagdaýdan çykmagyň dürli ýollary ölçerilip dökülipdir. Ahyry bu meselede iki topar emele gelýär. Birinji topar ruslara uruşman, parahatçylykly ýol bilen birleşmegiň tarapdary bolup çykyş edýärler. Ikinji topar bolsa ýurdy goramak üçin patyşa goşunlary bilen uruşmagy ündäpdir.

Mary oazisi bilen baglanyşykly 1881-1883-nji ýyllarda iňlis-rus bäsdeşligi üzül-kesil ýitileşipdir. Iňlisleriň we beýleki goňşy döwletleriň agentleri — jansyzlary türkmenleri ruslara garşy göreşmäge çagyrypdyrlar, olara kömek bermegi wada beripdirler. Ýöne öz topragyny goramaga gezek gelende türkmenler kesekiniň gylaw bermegine, öjükdirmegine mätäç bolmandyrlar. Onsoňam olar soňky ýyllarda durmuş tejribeleri esasynda iňlislere-de, parslara-da kän bir ynam etmändirler.

Mary oazisiniň ilatyny Orsýete birikdirmek üçin patyşa hokümeti dürli

hilegärliklere ýüz urupdyr. Ilki bilen ol ilatyň arasynda täsiri uly adamlara sylag, sowgat, çin bermek arkaly olary öz tarapyna çekipdir. Rus çinownikleri tarapyndan 1882-nji ýylyň başynda Aşgabatdan Mara dürli harytlar ýüklenen söwda kerweni guralýar. Munuň özi ruslar bilen Mary ilatynyň arasynda söwda-satyk işleriniň güýçlenmegine täsir edýär. Soňra rus goşunlary kem-kemden gündogara süýşmeklerini dowam etdirýärler. Ýolda Eýran bilen serhetdeş Etegi, Duşagy, Mänäni, Çäçäni özlerine birikdirýärler. 1883-nji ýylyň ahyrynda patyşa goşunlarynyň kiçiräk ýygyndy otrýady Tejeni eýeleýär we Mara golaý barýar. Dört sany top bilen ýaraglanan bu uly bolmadyk ýygyndy otrýadynyň Mara golaýlamagy ruslaryň oňa howp salýandygyny aňladýardy. Şol ýerden rus goşunlarynyň komandowaniýesi asly kawkazly musulman, türkçe gepläp bilýän, patyşa goşunlarynyň ştabs-kapitany M.Alyhanow — Awarskini Mara iberýär. Ol Mara baryp, onuň ähli ýagdaýlaryny pugta öwrenmelidi.

Alyhanowyň ýany bilen eýýam rus raýatlygyny kabul eden Magtymguly han hem gidýär. Alyhanow Mara gelenden soň haýal etmän Magtymguly hanyň üsti bilen Nurberdi hanyň aýaly Güljemal han (1836-1919), onuň ogly Ýusup han (1863-1920) bilen tanyşýar. Rus häkimiýetleriniň wekili hökmünde näme maksat bilen gelendigini mälim edýär. Onuň gozgan meselesini ara alyp maslahatlaşmak üçin 1884-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda Geňeş çagyrylypdyr. Onda Güljemal htm uly rol oýnapdyr. Geňeşe ähli taýpa-tire hanlary, kethudalary, aksakgallary gatnaşypdyr. Onda ýurdy goramak üçin patyşa goşunlary bilen uruşmalymy ýa da olara garşylyk görkezmän, gürrüňsiz boýun egmelimi diýen meselä garalypdyr. Ilki Alyhanow söz sözläpdir. Ol Mary ilatynyň parahatçylykly ýol bilen patyşa Russiýasynyň raýatlygyna geçmegini ündäpdir. Sözüniň ahyrynda bolsa eger ilat onuň beren maslahatyny kabul etmese, onda olary rus goşunynyň zor bilen boýun egdirjekdigini aýdypdyr. Olara Gökdepe galasyndaky gyrgynçylygyň elhenç netijelerini ýatladypdyr. Şondan soň ol geňeşden çykyp gidip, onuň belli karara gelmegine garaşypdyr.

Alyhanowyň gaty kesgitli we ultimatum äheňinde eden çykyşy geňeşe ýygnanan aksakallary pugta oylanmaga mejbur edipdir. Soňra esasy maslahatçy hökmünde Magtymguly han çykyş edipdir. Ol öz ildeşlerine Alyhanowyň talaplaryna razy bolmakdan başga alaç ýokdugyny aýdypdyr. Geňeşe ýygnananlaryň arasynda Russiýanyň raýatyna geçmäge garşy bolanlar hem bolupdyr. Ep-esli wagt dowam eden çekeleşikden soň, geňeş ahyrsoňy Mary türkmenleriniň patyşa Russiýasynyň raýatlygyna geçmäge razydyklary harada karar kabul edipdir. Soňra onuň netijesini Alyhanowa habar beripdirler. Hut şol günüň özünde haýyşnamanyň teksti uly ak kagyza ýazylypdyr. Onda: «Siziň erk-islegiňize boýun synmaga razydygymyzy mälim edýäris» diýlip nygtalypdyr. Emele gelen taryhy ýagdaýa dogry düşünen geňeşiň agzalary ilaty gyrgyna bermejek bolup, mejbury suratda şeýle karara gelipdiler. Sebäbi taryhda hiç bir halkyň başga bir halka öz islegi bilen höwes edip bakna bolan ýeri ýok.

Haýyşnamany Marynyň 4 sany tire hany we 24 aksakaly — wekili 25-nji

ýanwarda Aşgabada getirip, Zakaspi oblastynyň täze bellenen naçalnigi A.W. Komarowa gowşurypdyr. Ol gelen wekilleri dabaraly ýagdaýda garşy alypdyr, olara sylag-serpaý eçilipdir. Soňra olary hormatlap yzlaryna ugradypdyr. Özüniň bolsa tertip-düzgüni ýola goýmak maksady bilen basym Mara barjakdygyny aýdypdyr.

Şeýlelik bilen günorta-gündogar Türkmenistanyň mes toprakly Merw oazisi patyşa Russiýasyna parahatçylykly ýol bilen mejbury suratda birleşipdir. Bu proses Mary ilatynyň tutuşlygyna hemmesiniň işlegine görä amala aşyrylmandyr. Işan-mollalar, Gajar han we ilatyň käbir topary patyşa Russiýasyna tabyn bolmaga garşy bolupdyrlar.

General Komarow bir bölek otrýad bilen 22-nji fewralda Aşgabatdan Mara ugrapdyr. Onuň otrýadyny Gajar hanyň 4 müň meýletinçi otrýady 29-njy fewralda Marynyň eteginde ok bilen garşy alypdyr. Emma bu harby çaknyşykda Gajar hanyň otrýady ýeňlipdir. Ol güýç toplap, ýene 2-nji martdan 3-nji marta geçilýän gije rus goşunlarynyň üstüne çozupdyr. Ýöne bu gezegem onuň ýönekeý ýaraglanan goşuny kämil ýaraglanan rus goşunlaryndan ýeňlipdir. Gajar han we onuň egindeşleri tussag edilipdir. Soňra rus otrýady Maryda ymykly ornaşypdyr. Günorta Türkmenistanyň Ýolöten, Pendi we Sarahs ýaly etraplarynyň ilaty hem Russiýanyň raýatlygyna kabul edilmegini sorap ýüz tutupdyrlar. Netijede olar hem 1884-nji ýylyň ýaz-tomus aýlarynda uruşsyz, parahatçylykly ýol bilen patyşa Russiýasynyň düzümine giripdir. Şeýlelik bilen Türkmenistan doly patyşa Russiýasynyň golastyna düşüpdir.

Mary oazisiniň parahatçylykly ýol bilen patyşa Russiýasyna birleşmeginde Güljemal han, Magtymguly han uly rol oýnapdyr. Okuwçylar ýadyňyzda bolsa, Güljemal han Nurberdi hanyň aýalydy. Nurberdi han ýogalandan soň onuň abraýy Mary oazisinde has ýokary göterilipdir. Ol Gökdepe urşunyň netijesine anyk göz ýetirip, Mary oazisiniň patyşa Russiýasyna söweşsiz birikmeginiň tarapdary bolup hereket edipdir. Rus patyşasynyň çagyrmagy boýunça Güljemal han öz ýakyn adamlary bilen Sankt-Peterburga barypdyr. Rus patyşasy oňa gymmat bahaly sowgatlar gowşurypdyr, 2000 manat möçberinde ömürlik pensiýa belläpdir. Onuň ogly Ýusup hana bolsa milisiýanyň kapitany diýen harby at beripdir. Munuň özi patyşa hökümetiniň türkmen han-beglerini öz tarapyna çekmäge we olary hemişe öz gysymynda saklamaga gonükdirilen syýasatdy.

Magtymguly han (1857-1919) Gökdepe galasy synandan soň Mara gidipdir. Ol ýerde Mary ilatynyň patyşa Russiýasynyň raýatlygyna parahatçylykly ýol bilen geçmegini ündäpdir. Bu hyzmaty üçin patyşa hökümeti Magtymguly hanyň sylagyny ýetiripdir. 1884-1890-njy ýyllarda oňa ilki maýor, soňra podpolkownik çini berilýär. Ol birnäçe gezek Sankt-Peterburga baryp gelipdir, ikinji döwlet Dumasynda türkmenleriň adyndan wekilçilik edip, onuň bähbidini gorapdyr. Patyşa hökümeti Magtymguly hana hem ömürlik uly pensiýa belläpdir.